# Eý gapyl gardaş…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Eý gapyl gardaş… EÝ GAPYL GARDAŞ..

Eý gapyl gardaş, ten içre dertli janyñ bar heniz,
Intizar söz -u ýüzüñge gulak jamym bar heniz.

Yragy ýakyn edendir, dost dilegi joş bolsa,
«Är ryza- Huda ryza ,, göwün senden hoş bolsa
Şerti toba-köñül içre gözleriñde ýaş bolsa
Her demde müñ toba diýsem ýaradana,az heniz.

Manzary älem içre dost binasy mizemez,
Köñülden » dost ,, söýen tenler toprak içre çüýremez,
Tekebbirlik misli gyşdyr,ýagan gary eremez,
Güýz paýhasym- tomus miwäm, ajap ýazym bar heniz.

Ýykylmadyk göwün bolmaz, Ýaradan daşlaşmasyn,
Çözülmedik düwün galmaz üzmesinler rişdesin,
Sabyr takat bilen tutgul, barça müşgül näştesin,
Toba gapysy açykdyr, Gel,ýapylman dur heniz.

Müñ ýyla tetärik işiñ bir kazañy ödemez,
Müñ ýylky, goýun malyñ bitirmez ,,waý – dadymyz,
Umyt bilen gorky içre tutaşar yşk odumyz,
Ajal oky atyljakdan, çekilipjik dur heniz.

Aşyr Salyh ogly Goşgular